# Fantast ýazyjy Baryş Müstejaplyogly Hytaýa çagyryldy..

Category: Edebiýat täzelikleri,Hekaýalar,Kitapcy,Romanlar
написано kitapcy | 21 января, 2025

Fantast ýazyjy Baryş Müstejaplyogly Hytaýa çagyryldy.. TÜRK EDEBIÝATYNYÑ ILKINJI YLMY-FANTASTIKI ROMANY ÝAÑADANDAN OKYJYLARA HÖDÜRLENDI



Türkiýede fantastiki roman diýlende, ilki bilen Baryş Müstejaplyoglynyñ «Perg legendalary» romanlar tapgyry «Ithakı» neşirýatynyñ neşir etmeginde ýene-de ylmy-fantastiki edebiýatynyñ muşdaklarynyñ arasynda elden-ele geçip başlady.
Soñky wagtlarda fantastiki edebiýata has köp isleg bildirilmegi bilen türk ýazyjylarynyñ bu žanrda döreden eserleriniñ sany-da gün-günden artýar.
Baryş Müstejaplyoglynyñ «Perg legendalary» romanlar tapgyry ylmy-fantastiki eserleriñ arasynda aýratyn ýer tutýar.




• **Ilkinji türk fantastiki romany**

«Perg legendalary» türk ýazyjysy tarapyndan ilkinji gezek

ylmy-fantastiki žanrda ýazylan romandyr. Ilkinji gezek neşir edilenne eýýäm birnäçe ýyl bolandygy üçin fantastiki edebiýatyñ muşdaklary tarapyndan seýrek tapylýan gyt kitaplara öwrülen bu eser «İthaki» neşirýaty tarapyndan gaýtadan okyjylara elýeterli edildi.

Tapgyryñ birinji kitaby: «Gorkak we jandar». Eserde XX asyryñ fantastiki roman tradisiýasy türk fantaziýasy bilen utgaşdyrylýar. Bu roman bolgar, serb, hytaý dillerine terjime hem edilipdi.




- **Dört kitaplyk tapgyryñ öñe sürýän pikirleri**

«Perg legendalary» tapgyry gowy ýa-da erbet bolmak taýdan

aýry-aýry halklaryň we ynançlaryň arasynda tapawudyň ýokdugyna ünsi çekýär. Ortada bir urşuň ýüze çykmagy üçin iki tarapdan biriniň bütinleý günäkär bolmagy gerek däl; her iki tarapda-da gowy we erbet adamlaryň bolup biljekdigi wakalar bilen berkidilipdir. Özüň bilen pikiri bir dällere agressiw bolmazlyk kitabyň iň belli-başly öňe sürýän temasydyr. Kürsüde oturan ketdeleriň adaty adamlaryň ykballaryna nähili täsir edýändikleri eserde diýseň täsirli görnüşde suratlandyrylýar. «Gorkak we jandaryň» yzyndan neşir ediljek «Merderanyň syry», «Batgalyk ýurt», «Hudaýlaryň elipbiýi» bolsa «Perg legendalarynyň beýleki kitaplarydyr.


BARIŞ MÜSTECAPLIOĞLU
BATAKLIK ÜLKE
Metis Edebiyat
PERG
HARİTASI
ARMAĞAN
POSTER




**• Müstejaplyogly Şanhaýda geçirilen Edebiýat festiwalyna çagyryldy**

Fantastika we ylmy-fantastika sungatlary guramasynyñ (FABİSAD) esaslandyryjylarynyñ biri bolan Baryş Müstejaplyogly Şanhaý Edebiýat festiwalyna çakylyk alan ilkinji türk ýazyjysy boldy. Häzirki wagta çenli ýazyjynyñ birnäçe hekaýalary we romanlary iñlis, polýak, rumyn, bolgar, hytaý, arap dillerine terjime

edildi.



Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Edebiýat täzelikleri